Ýurdumyzyň gysga döwrüň içinde ýeten uly sepgitlerini, gazanylan ajaýyp netijeleri, galkynan milli ykdysadyýetiň öz gözbaşyny mukaddes Garaşsyzlykdan alyp gaýdýandygyny bellemek, şol üstünlikleri, ykdysady netijeleri, düýnki ösüşimiz bilen şu günki gazanýan netijämiziň baglanyşygyny mysallaryň, sanlaryň üsti bilen deňeşdirmek has täsirlidir.

Döwletimiz ilatymyzyň durmuş taýdan kepillendirilen goragyny üpjün etmek syýasatyny dowam edýär. Bu syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine, hususan-da, ilatymyzyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy, nahar duzy bilen mugt üpjün edilmegi, ýaşaýyş jaýlaryndan, jemgyýetçilik ulaglaryndan peýdalanmak üçin tölegleriň ujypsyz bolmagy we köp sanly beýleki ýeňillikler aýdyň şaýatlyk edýär. Alnyp barylýan oýlanyşykly syýasatyň netijesinde, ilatymyzyň adam başyna düşýän girdejileri her ýyl durnukly artýar.

Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, umuman, senagat pudagy halk hojalygynyň düzümine girýän ähli pudaklaryň emele gelmeginde, işlemeginde, kämilleşmeginde, ösmeginde olaryň esasy bolup durýar, sebäbi senagatyň özünde we beýleki pudaklaryň hemmesinde ulanylýan esasy önümçilik tehniki serişdeleriniň we şaý-sepleriniň hemmesi senagatyň aýry-aýry pudaklarynda öndürilýär.

Önüm öndürmekde, bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk, döredijilik, metbugat we beýleki edaralary, guramalary täzeden dikeltmekde, gurmakda hil we mukdar taýdan gazanylan üstünliklerimiziň esasy, özeni nämeden ybarat? Esasy sebäpleriniň biri bu meselä töwerekleýin, doly çemeleşilmegidir. Hemmämize mälim bolşy ýaly, ýurdumyzda täzeden dikeldilýän, gurulýan kärhanalaryň, edaralaryň, binalaryň, desgalaryň, zawoddyr-fabrikleriň gurluşyk meýilnamalaryny Hormatly Prezidentimiziň hut öz gözegçiligi astynda saklamagyndadyr, her bir jogapkär ýolbaşçydan hasabat soramagyndadyr, hünärmenler, galyberse-de halk bilen maslahatlaşmagyndadyr.

Häzirki wagtda ýurdumyz ykdysady üýtgetmeleriň täze tapgyryna girişdi we ilkinji hatarda ykdysadyýeti kämilleşdirmegiň esasy maksatlary ýene-de çig maly-pagta süýümini, piläniň gaýtadan işläp bejerilişini has ýokary derejä götermek we şolardan täze köp sanly taýýar önümleri almaklyk bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz dünýä jemgyýetiniň ösmeginde ykdysady, syýasy teklipler, başlangyçlar bilen çykyş edip gelýär.

**Nursoltan MYRADOWA**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.11.2024